# Ýomaklar

Category: Degişmeler,Kitapcy,Türkmen dili
написано kitapcy | 22 января, 2025
Ýomaklar ÝOMAKLAR

▶ TELEFONDAKY GEPLEŞIKLERDEN

– Priwet, Gunçaşka. Žiw-zdorowmysyñ?
– Salýut, Marala. Niçego, spasibo.
– Aý, keýpine-le, gyz. Muž doma?
– A kak že… Şu mahal aýagymy owkaladyp ýatyryn.
– Ertir näçe urogyñ bar?
– Oý, nemnogo, wsego iki sagatjyk. Wah, özüme galsa-ha ýerime muny iberäýjek weli, kak goworitsýa, ni weleno…
– Haýsy temany geçýäñ?
– «Türkmen dili türkmen halkynyñ gadymdan gelýän milli ýadygärligidir». Ladno gyz, onda…
– Poka.

▶ HUPBATLY IŞ

Ejesi çagalaryna:
– A-ýuw, ýer ýuwutmyşlar, beýdip guduz açyp ýörenden Betdi daýylaryñyza gezmäge gitseñiz bolmaýarmy?
– Aý, ýo-laý…
– Her barañda işledýäler-ow.
– Heý, işýakmazlar, ýeri, olar siz tetelli bihepbelere näme etdirýärmişin?
– Uzakly gün oturdyp pul sanadýalar-ow…

▶ BAŞLYGYÑ BAŞLYGY

– Sen nä, suwçular brigadasynyñ brigadirini işden boşatjak bolup ýörsüñmi? Näme diýsene, goý, ol ozalky ýerind işläbersin.
– Bolar, başlyk.
– O-ol öñki doñuzdarçylyk permäniñ permisinem towuk permi edip

bilersiñ.
– Ýest, başlyk.
– Mekgejöweniñ ekişine girişmekden entek saklanyñ, howanyñ ýüzi mazaly açylyşsyn.
– Bolar, başlyk.
– Onsoñam, agşamlyk özüñe ýumurtga çakynaýgyn, men öýde bolmaryn. Gytja gyzyny çykarýarmyş, çagalar bilen şolarda bolarys.
– Ýest, başlyk…

▶ AÝAKGAP DÜKANYNDA

– Aýtsañyzlañ, keýgim, şu köwüş üçin men näçe tölemeli?
– Eger şu durşuna alsañyz, 4500 manat. Ýöne alyjylaryñ isleglerini nazarda tutup, täzeden bäri ýanymyzda ýörite bir ädikçi saklaýarys. Eger-de şoña köwşüñ aşagyny çüýledip alaryn diýseñiz 4700 manat töläýiñ.

Annaş BALLYÝEW. Degişmeler